# Aleksandr Bezzubsew-Kondakow

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Romanlar,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aleksandr Bezzubsew-Kondakow ALEKSANDR BEZZUBSEW-KONDAKOW

Saşa Bezzubsew-Kondakow, häzirki zaman rus edebiýatynyň görnükli wekili, ýazyjy.

Aleksandr Ýewgenýewiç Bezzubsew-Kondakow 1980-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Leningradda (häzirki Sankt-Peterburg) dünýä indi. Ol heniz mekdep okuwçysyka «Дерзание» edebiýat klubyna işjeň gatnaşdy. Bu onuň zehininiň ir açylmagyna ýardam etdi.
Saşa Bezzubsew Russiýanyň Gersen adyndaky Sankt-Peterburg döwlet pedagogik unuwersitetini tamamlady, soňra ol Sankt-Peterburgyň oba hojalyk uniwersitetinde aspirant bolup okuwyny dowam etdirdi.
Heniz on bäş ýaşyndaka, 1995-nji ýylda «Imperatoryň joşguny» atly ilkinji romanyny ýazdy. Bir ýyldan soň bolsa ikinji romany peýda boldy.
1998-nji ýylda bolsa Grigoriý Rasputin hakynda taryhy romany ýazyp gutardy.
Saşa Bezzubsewiň ýazyjylyk ukyby derrew göze ildi. Ol haýal edilmän, 1997-nji ýylda Russiýanyň ýazyjylar birleşiginiň agzalygyna kabul edildi.
Saşa Bezzubsew Petrowskiý Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasydyr we «Prometeýiň ýyldyzy» ordeniniň eýesidir.
Ýazyjynyň okyjylar köpçüliginiň gyzgyn söýgüsini gazanan eserlerine «Наш современник», «Сибирские огни», «Север», «Урал», «Северная Аврора», «Дарьял», «Новый берег» (Kopengagen) ýaly abraýly edebi žurnallaryň sahypalarynda giňden ýer berildi.
Ýazyjynyň «Üç gara çöwlüm» («Три черных омута») romany Sankt-Peterburgyň guberbatorynyň edebiýat we sungat boýunça ýörite baýragyna mynasyp boldy.
Saşanyň romanlary okyjylarda uly gyzyklanma döredýär. Şonuň

üçin onuñ kitaplary çap bolup çykan badyna iñ köp satyn alynýan kitaplaryñ sanawynda öñdäki orunlary eýeleýär.
Saşa Bezzubsew döredijilik bilen meşgullanmagy baryp-ha talyplyk döwründe irnik edindi. Ol öz eserlerini okuwdan boş wagtlary ýazýardy. Uniwersitetden gelen badyna, derrew onuñ ikinji smenasy – döredijilik işi başlanýardy. Ol bu ýörelgesini häzirem dowam etdirýär. Ýazyjy her gün uzak wagtlap işlemäge endik edipdir.
Onuñ edebiýaty öwreniş ylmy boýunça ýazan köp makalalary XX asyr rus edebiýatyna we «sosialistik realizmiñ» problemalaryna bagyşlanandyr.
Ýazyjy häzir Sankt-Peterburgda ýaşaýar.

■ Ýazyjynyñ dürli ýyllarda neşir edilen kitaplaryndan:

1. «Императорская муза»,
2. «Тропинки под луной»,
3. «Светлейший князь»,
4. «Крейсер «Аврора»,
5. «Три черных омута»,
6. «Встреча со святыней»,
7. «Удачу нести на крыле»,
8. «Русская Голгофа»,
9. «Почему это случилось? Техногенные катастрофы в России».

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly